# Altmyş ýaşap

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Altmyş ýaşap Altmyş ýaşap göz ýetirdim bir zada:
Göwne ham-hyýallar girjek ekeni.
Baýlyk üçin razy bolup her zada
Hannas dünýe malyn tirjek ekeni.

Altmyş ýaşap göz ýetirdim bir zada:
Bet gelin ýaşmagyn syrjak ekeni.
Sylag, hormat, gadyr bolmadyk ýerde
Doganam dogandan irjek ekeni.

Altmyş ýaşap göz ýetirdim bir zada:
Soňky aýal ýere buýrjak ekeni.
Orta ýolda atyň taýyp, ýykylsaň,
Gürüjler it bolup üýrjek ekeni.

Altmyş ýaşap göz ýetirdim bir zada:
Ar-namys ýüregi ýarjak ekeni.
Ynsapsyza ýetse susagyň sapy
Haramy halala garjak ekeni.

Altmyş ýaşap göz ýetirdim kän zada:
Düýbi berk jaý uzak durjak ekeni.
Ýalançyny çyndyr öýder ýörerdik,
Bu-ýe, asyl, oýun-gurjak ekeni.

Gurt Näzli. Goşgular